# Bagyşla!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bagyşla! BAGYŞLA!




Ejem!
Kābäm ejem!..
Bolmadyk bolsañ,
Ýaşardymmy gözel dünýäde eýsem?
Belki, bolmazdym men hem!
Belki… sen hem –
Gözleriñi giden taýyma dikip,
Hyýal atyñ bilen menziller söküp,
Ýoksuradyp urşa giden ogluñy
Turmazdyñ gijeler tisginip, böküp.
Ejem!
Janym ejem!..
Bagyşla, gelebilmedim…
Seniñ gözýaşlarñy sylabilmedim.
Soñky demde «Oglum!» diýip,
Bu dünýäden ötdüñ, ejem.
Ahyr soldat ogluñy-da

Görüp bilmän gitdiñ, ejem!

Ejem!
Şöhratym-şanym, ejem!..
Ugradyp bilmedim soñky ýoluña.
Ýazgarma meni. Gündizim-gijäm
Geçdi ýeñşe alyp barýan ýörişde.
Ganhor salsa-da ýara,
Çekse-de dara,
Gömse-de guma,
Salsa-da tüme.
Seniñ päk süýdüñden alan kuwwatym,
Watan öñündäki kasam-niýetim –
Galdyr aýaga,
ölmedim, ejem!

* * *

Ejem!
Käbäm ejem!..
Başujuñda men.
Çar tarap ümsümlik.
Dünýä örän geñ.
Durun men bu ýerde egip başymy.
Duýmazdan dökýärin gözden ýaşymy…
Gel, ejem!
Bir seret, soldat ogluña!
Seret, ejem, seret, Perhat ogluña!..
Gurşap dur daşyñy meñ zürýatlarym!
Bu günüm, ertirim, göwün şatlarym!

Ruhy ALYÝEW.

«Sowet Türkmenistany» gazeti, 1973 ý. Goşgular